Germaniýa Federatiw Respublikasynyň
Ilçihanasy
Aşgabat

**2024-nji ýylyň iýundaky ýagdaý boýunça**

# <u>Okuw üçin wiza</u>

1. Eger mümkin bolsa, şu resminamany çap ediň.
2. Indiki maglumaty ünsli okap çykmagyňyzy haýyş edýäris.
3. Ýüz tutmak üçin resminamalary toplamagyňyzy haýyş edýäris.
4. Resminamalaryňyzy görkezilen tertipde ýerbe-ýer goýmagyňyzy haýyş edýäris.
5. Eger siz şu resminamany çap etdiren bolsaňyz, tabşyrýan resminamalaryňyzyň gapdalynda bellik goýuň.
6. Ähli resminamalary daşlyksyz we skrepkasyz tabşyrmagyňyzy haýyş edýäris.

Işiň köplügi zerarly we ýüz tutýanlaryň ählisine deň garalýandygy üçin, wiza bölümi işläp taýýarlamak üçin arzalary diňe talap edilýän görnüşde kabul edip bilýär. Ilçihanadan ähli resminamalar, maglumatly kagyzlar we arzalaryň görnüşleri (formalary) muzdsuz berilýär. Arzany tabşyrmagyň barşy baradaky ähli maglumat Ilçihananyň www.asch.diplo.de saýtynda ýerleşdirildi.

Germaniýada okamak boýunça hünärmeniň maslahatyny almak üçin, Ilçihanada her çarşenbede sagat 14:00-dan 16:00-a çenli DAAD gullugynyň talyplara degişli maslahatyna baryp görüň. Gulluga geleniňizde ýanyňyzda ozalky okuwyňyza degişli ähli subutnamalar, dil baradaky bar bolan sertifikatlar, nemes uniwersitetleriniň şahadatnamalary, dil öwredýän mekdebiň çakylyklary we ş.m. bolmalydyr.

<u>Şulara üns bermegiňizi haýyş edýäris:</u>

- Şu ýerde görkezilmedik goşmaça resminamalar käbir halatda arza tabşyrylanda ýa-da wiza resmileşdirilen mahalynda soralyp bilner.
- Eger wiza bermekde şahsy şertler berjaý edilen bolsa, onda arzanyň ýanyna goşulan resminamalar Germaniýanyň jogapkär immigrasiýa edarasyna tabşyrylýar, wiza bermek üçin şol edara tarapyndan razylyk berilmelidir. Şoňa görä-de, ýaşamak üçin göz öňünde tutulýan ýeriň salgysyny doly görkezmek gerek.
- Ilçihana işläp **taýýarlamagyň wagtynyň 6-8 hepde** dowam edip biljekdigine üns berilmegini haýyş edýär.
- Maglumatly kagyzlar häli-şindi täzelenýär, ýöne olar elmydama doly görnüşde berilmeýär we kepilliksiz çap edilýär.

**<u>Germaniýada blokirlenen hasabyň ýurda gelmänkäň açylandygy baradaky maglumat</u>**

Germaniýada okamak üçin, Germaniýadaky nemes bankynda blokirlenen hasabyň (sçýotuň) zerur bolmagy mümkin. Talyplar üçin wizany almagyň barşynda, bir ýylyň dowamynda ýaşaýyş üçin harajatlaryň bolmagyny (azyndan 12 x 934€ = 11.208) öňünden üpjün etmek zerurdyr.

Wizany resmileşdirmegiň barşynda bankyň güwänamasy tabşyrylanda, şular görkezilmelidir:
Kada bolşy ýaly, blokirlenen hasaby Germaniýanyň islendik bankynda açyp bolar.
Ýöne blokirlenen hasaby açmak maliýe edarasynyň öz işewürlik syýasatynyň çygrynda maliýe edarasynyň kabul edýän çözgüdi bolup durýar hem-de Federal daşary işler ministrligi şol çözgüde hiç hili täsirini ýetirmeýär. Siz prowaýderi saýlap almakda erkin hereket edip bilersiňiz. Tutuş dünýäde şu hyzmaty hödürleýän taraplary Federal daşary işler ministrliginiň https://www.auswaertiges-amt.de/de/sperrkonto/375488 web-saýtynda tapmak bolar. Blokirlenen hasabyň daşary ýurtdan açylyşyny pul boýunça prowaýderleriň saýtlaryndan öwrenip bilersiňiz. Şol ýerlerde görnüşler (formalar) we blokirlenen hasabyň açylyşy baradaky maglumat hem ýerleşdirildi. Blokirlenen hasaby açmak üçin Germaniýada galmak

**Aşakda görkezilen resminamalar goşulyp berilýär:**
**Tabşyrýan resminamalaryňyzy çepdäki sütünde (kolonkada) atanak (X) goýup belläň**

| **Esasy resminamalar** | |
|---|---|
| ☐ | Arza<br>doly ýazyp doldurmaly we özüň gol çekmeli (kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin iki hossary gol çekmeli)<br>Ýurtda bolmak baradaky kanunyň § 54 2-nji madda 8-nji bent i.V.m. § 53 laýyklykda + 2 sany arza |
| ☐ | **Pasport üçin iki sany täze surat**<br>Biometrik, retuş edilmedik (tonirlenmedik). Fotony ýüz tutmanyň görnüşine (formasyna) ýelimläp goýmaň. |
| ☐ | **Syýahatçylyk boýunça lukmançylyk ätiýaçlandyrmasy**<br>Wiza alnanda syýahatçylyk boýunça lukmançylyk ätiýaçlandyryş namasy hökman görkezilmelidir |
| ☐ | **Daşary ýurt pasporty (+ şahsy maglumatly sahypanyň iki sany nusgasy)**<br>• azyndan 2 sany boş sahypa<br>• ýurtda bolmak üçin soralýan döwür tamamlanandan soňra azyndan 3 aýyň dowamynda hakyky bolmalydyr<br>• arzanyň berlen pursadyna çenli 10 ýyldan köp wagt geçmedik bolmaly |
| ☐ | **Dil öwredýän mekdebe gatnalýandygy baradaky kepilnama – asyl nusgasy we iki sany nusgasy**<br>• bronlanan kursdaky hepdelik sagatlary görkezmek arkaly (intensiw kurs, hepdede azyndan 18 sagat)<br>• Kursuň umumy bahasynyň möçberi we kursuň bahasynyň tölenendigini tassyklaýan subutnama |
| ☐ | **Maliýeleşdirmek boýunça subutnama**<br>**BAföG laýyklykda azyndan häzirki aýlyk stawkasyna (934 Ýewro) barabar derejede maliýeleşdiriljekdigi aşakda görkezilenler arkaly tassyklanýar:**<br>**Ýurtda bolmak baradaky kanunyň 66 – 68-nji maddalaryna laýyklykda, borçnamalar hakyndaky resmi beýannamada üçünji tarap harajatlary tölejekdigini ýazmaça görnüşde borç edinýär**<br>ýa-da<br>**Germaniýada blokirlenen hasapda okuwyň birinji ýyly üçin puluň zerur möçberiniň bardygy tassyklanýar**<br>ýa-da<br>**talyp haky boýunça mälim edýän namanyň asyl nusgasy arkaly talyp hakynyň tölenýändigi tassyklanýar (DAAD boýunça talyp haklary boýunça çap edilen nusga ýeterliklidir)** |
| ☐ | **Motiwasiýa degişli subutnama ýa-da kursuň maksady**<br>• Hünär bilen bagly sebäpler (Iş berijiniň saýlap almaga mümkinçilik berlendigi baradaky kepilnamasy, şeýle hem işe ýerleşdirmek baradaky kepillikler we iki sany nusga)<br>• Okuwyň maksady (Uniwersitete okuwa girendigini tassyklaýan subutnama we iki sany nusga)<br>• Motiwasion hat:<br>  • Size nemes dilini bilmek näme üçin zerur?<br>  • Siz nemes dilini nirede hem-de haçandan bäri öwrenýärsiňiz?<br>  • Siz näme üçin nemes dilini öwrenmek isleýärsiňiz? |
| ☐ | **Ýaşamak baradaky subutnama** |
| ☐ | **Terjimehal ýa-da Siziň ozal alan bilimiňiz baradaky subutnama**<br>Ozal alnan bilim we zerur bolan halatynda. hünär boýunça işler barada özbaşdak beýan etmeli |
| ☐ | **Dili öňden bäri bilýändigini tassyklaýan subutnama** |